***Golaýda Bitarap Türkmenistanyň paýtagty Aşgabat döwlet we hökümet Baştutanlaryny, iri halkara guramalaryň ýolbaşçylaryny bir ýere jemläp, ählumumy syýasy dialogyň merkezine öwrüldi. Türkmenistanyň başlangyjy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan yglan edilen Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna, Halkara Bitaraplyk gününe, şeýle-de ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna bagyşlanan giň gerimli halkara forum dünýä metbugatynyň ünsüni çekdi. Esasy habarlar agentlikleri, elektron media neşirleri we beýlekiler öz sahypalarynda forumy giňden şöhlelendirip, häzirki geosyýasy ýagdaýlarda onuň aýratyn ähmiýete eýedigini bellediler.***

Habarlarda we makalalarda parahatçylyk döredijilikli diplomatiýanyň netijeli guraly hökmünde türkmen Bitaraplygyna esasy orun berilýär. Žurnalistlerdir bilermenler Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasatyny yzygiderli durmuşa geçirip, häzirki wagtda derwaýys sebit we ählumumy meseleleri ara alyp maslahatlaşmak üçin netijeli meýdança hökmünde çykyş edýändigini belleýärler. Daşary ýurtlaryň köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde nygtalyşy ýaly, dünýä jemgyýetçiligi Türkmenistanyň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyny yglan etmek başlangyjyna ýokary baha berip, oňa döwletleriň arasynda dialogy dikeltmäge, ynanyşykly gatnaşyklary ýola goýmaga çagyryş hökmünde garaýar.

Media neşirleri forumyň ýokary wekilçilikli derejesine ünsi çekdiler. Munuň özi Türkmenistanyň parahatçylyk döredijilikli ornunyň halkara jemgyýetçilik tarapyndan giňden goldanylýandygynyň güwäsidir. Dünýäniň köp ýurtlarynyň döwlet we hökümet Baştutanlarynyň, iri sebit guramalarynyň, BMG-niň düzüm birlikleriniň ýolbaşçylarynyň foruma gatnaşmaklary bilen bagly wakalar ýaýlyma berlen reportažlarda aýratyn görkezildi. Forumyň ýokary wekilçilikli düzümi Türkmenistanyň açyk we netijeli pikir alyşmak babatda zerur gurşawy döretmäge ukyply, ygtybarly hyzmatdaş hökmünde ornuny äşgär edýär. Halkara synçylar seljerme makalalarynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň garaýyşlary ýakynlaşdyrmak we ylalaşyk gazanmak üçin amatly mümkinçilikleri döredýändigini belleýärler.

Umuman, dünýäniň esasy neşirleri Aşgabat forumyny dialogy, parahatçylygy we durnukly ösüşi pugtalandyrmak üçin diplomatik köpri, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň netijeliligini tassyklan taryhy waka hökmünde beýan etdiler. Forumda beýan edilen başlangyçlar halkara jemgyýetçilikde uly seslenme döredip, “Parahatçylyk we ynanyşmak” konsepsiýasyny syýasy şygardan halkara gatnaşyklaryň täze, has adalatly we howpsuz ulgamynyň esas goýujy ýörelgesine öwürmegiň ýolunda möhüm waka boldy.

**Enejan MAMEDOWA,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň**

Все права защищены

**Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 5-nji ýyl talyby.**

Все права защищены